# Ol ikisine açyk hat

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ol ikisine açyk hat OL IKISINE AÇYK HAT




“Gadyrdan gardaşlarym, Baýden we Tramp, size bu haty örän alyslardan, baryp-ha, Türkiýeden ýazýaryn.
Ikiñizem akyly-huşy ýerindäki adama meñzeýärsiñiz.
Emma prezidentlik ýaryşyna girdiñiz, bir çuwal injiri berbat etdiñiz.
Saýlaw sistemañyzyñ neneñ-niçik dökülşini bütin dünýä gördi.
Sesler berildi, poçtadan gelen ses gutulary açylmaga başlandy we Tramp şobada syrtyndan suw goýbermäge durdy.
Ýokary suda gidip, garşydaşyna berilen sesleri güýçsüz hasap etdirjekmiş.
O nämäñ sudy, gardaşym, sen ilki git-de, saýlaw sistemañyzy bir düzet ahwetin…
Bular ýalam bir saýlaw sistemasy bolarmy! Hemme zat bulam-bujar, çatak…
Eýýäm dört günden geçdi, ikiñiz bilen bile bu işiñ nirä baryp direjegini, kimiñ prezidentlige saýlanjagyny hiç kim bilenok.
Aýdyşlaryna görä, siziñ her welaýatda belli-belli delegatlaryñyz barmyş. Jemi 538 delegatyñ sesini alan prezident bolýarmyş. Baýden muña ýakynlaşypmyş.
Serediñ, gardaşlarym, delegatlaryñ sesini gapmak onçakly kyn däl.
Siz entek ýaş bolýañyz!
Delegatlary öñünden taýýarlañ. Bu işiñ belli-başly düzgünleri bar…
Saýlanan ýagdaýyñyzda delegatlaryñ garyndaş-doganlaryny işe aljakdygyñyzy wada bermeli. Olara we ýakynlaryna iş

paýlajakdygyňyzy aýdyň.
Diňe şeýdenden soň ýetmeli sanyňyz 538!..
Çuňňur hormatlanýan we gadyrdan Baýden we Tramp, siziň bu delegat taýýarlama işlerinde juda howlukmaç, juda bärden gaýtmalaryňyzyň bardygy belli.
Aýtdym-a size, ilki delegat taýýarlamagy öwreniň, gardaşlarym!
Türkiýede bu işiň mekdebi bar, biz bu mekdepde nijeme uçurymlary çykardyk!
Biziň ile gelen bolsaňyz, ikiňize-de öwrederdik…
Delegat taýýarlama, deputat taýýarlap partiýasyndan öz islegi bilen gider ýaly etme… bularyň barsy bizde bar. Geçmişimiz şular ýaly zatlardan doly.
Ýöne käsäniň agzyny açyp, näme etmelidigini biliň!
Gadyrdan gardaşlarym, eýýäm näçe gün geçdi, siz bolsa entägem prezidentiňizi saýlap bileňzok.
Bu nähili bolýaraý!
Ýene-de siz özüňizi dünýäniň hojaýynydyr öýdýärsiňiz.
Dünýäni dolandyrýarsyňyz, dünýäniň žandarmalygyny edýärsiňiz, hemme meselä burnuňyzy sokýarsyňyz, iş prezident saýlawlaryna gelýärem welin, hiç hili netije ýok!
Ne biçüw saýlaw sistemasy bu?
Şindi bir oýlanyň, gojaman ABŞ-da prezidentlik saýlawy sudda tamamlanmaly!
Ilki wagtlaýyn gabawhana düşersiňiz, soňra sud kelläňizi agyrdar!
Eý Hudaýjan, beterinden beteri bar, özüň goraweri.
Dumly-duşa masgara bolarsyňyz, soň aýtmady diýmäň!
‘Siz taraplardan, Türkiýeden näme habar bar?» diýip, sorar bolsaňyz, bizde ýagdaýlar gülala-güllük. Bizi alada etmäň.
Bahalar galmasyny goýdy, olar indi geçmişde galdy.
Ýaşaýyşyň gymmatyny ýeriň teýine sokduk.
Mälim edilen resmi görkezijiler şeýle diýýär!
Korrupsiýa, talaňçylyk, adam ogurlama, partizanlyk diýseňiz, olary-da, tüweleme, nolladyk.
Walýutany sorar bolsaňyz, içerki we daşarky terrorçy toparlaryň täsiri bilen biraz uçýar, emma onu-da ökjämiziň aşagyna salyp, silindir ýaly ezjek günlerimiz daşda däl.
Ýagny, bizde hemme zat – ykdysadyýet hem öz akymyna barýar.
Biziň 83 million halaýygymyz hoşal we bagtly.
Eý Tramp, hatymyň şu bölegi saňadyr…
Biziň dünýä liderimize resmi hat ugradyp, mertebesini

peseltdiñ, haýbat atdyñ, utanman-etmän «Akmak bolma!» diýdiñ.
Düýnem ýazypdym, enşalla, şu saýlawda ýeñil-de, mundan beter bol! Hak ýerini tapsyn.
Gadyrdan gardaşlaryn Baýden we Tramp…
Ikiñizem biziñ üçin juda gymmatlysyñyz. Işi süýndürip oturmañ, sudlaşyp görene göz bolup ýörmäñ.
Bu sagatdan soñ taýýarlap boljak delegat galan bolsañ, şolary sypdyrmañ.
Bir pikirim bar…
Boş işlere güýmenip wagtyñyzy ýitirmäñ.
Gerek bolsa bije atyñ, kimiñki çüwse şolam prezident bolsun.
Meñ pikirimçe, iñ praktiki we iñ çalt çözgüt şu bolsa gerek.
ABŞ-nyñ geldi-geçer prezidentligi diýip, biri-biriñizi mundan artyk ynjytmañ, dünýäni ketdesiz goýmañ, oglanlar…
Meniñki aýtmak, galanynam özüñiz biliñ…
Ikiñiziñem alnyñyzdan öpýärin.”
Emin ÇÖLAŞAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 07.11.2020 ý. Publisistika